# Ysraýyl BMG-nyñ düzüminden çykarylmalydyr!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ysraýyl BMG-nyñ düzüminden çykarylmalydyr! YSRAÝYL BMG-nyñ DÜZÜMINDEN ÇYKARYLMALYDYR!




*«Adalat polýar ýyldyzy ýaly öz ýerinde durýar. Galan hemme zat onuñ daşyndan aýlanýar».*
***Konfusiý***
Ýurdumyzda we dünýäde edil häzir iñ kõp mätäçlik duýýan gymmatlyklatymyzyñ başynda adalat bar. Adalat düşünjesi antiki pelsepäniñ binýadyny düzýär. Platon «Döwlet» kitabynda adalatyñ nämedigini derñäp, netijä gelýär. Aristotel adalatly we moral düzgüniñ nähili ýola goýuljakdygynyñ üstünde kelle döwýär. Adamlarda dogabitdi bar aýratynlyk hem wyždanyñ kalby adalatdyr.
Adalat älem-jahanyñ hamyrmaýasydyr. Neslimiziñ dowamlylygyny

üpjün etmegimize ýaraýan tebigy seleksion mehanizmdir. Adalatsyzlyga garşy içimiz-bagrymyz tüteýär. Gaharlanýarys, garşy çykýarys, kämahal ar aljak bolýarys. Ine, döwletiň bar bolmagynyň düýp maksady-da şular ýaly duýgularymyzy tertipleşdirmek we adalaty üpjün etmek bolmaly.

- **Orsyýete gadagançylyk, Ysraýyla goldaw!**

Orsyýet Ukraina çozanda global nägilelige duçar boldy. Dünýäniň syýasy kartasynda Ukrainanyň nirde ýerleşýändigini görkezip bilmejekler, belki-de ikkinji gezek beýle ýurduň bardygyny eşdenlerem ukrain baýdagynyň suratlaryny sosial mediýada paýlaşmaga durdy. Ýuwaşlyk bilen Orsyýete sanksiýalar girizilmäge başlandy. Futbol boýunça dünýä çempionatynndan, beýleki sport bäsleşiklerinden, Olimpiýa oýunlaryndan çetleşdirildi. Dünýä jemgyýetçiligi şeýle diýýärdi: «sebäbi hernäme bolanda-da, kada-kanunlara eýermediň, düzgünimizi piňiňe almadyň. Beýtmegiňi dowam etdirhek bolsaň, bizem seni ýok hasap edýäris». A Ysraýyl näme onda?

- **Ysraýyl özüni guran BMG-na hüjüm edýär**

Ysraýyl 1947-nji ýylda BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 181-nji belgili karary bilen guruldy. Emma ol döredilen gününden bäri BMG-ny ýok hasap edýär. Onuň bu bolşy onlarça gezek BMG-nyň Baş Assambleýasy we Adam hukuklary boýunça guramasy tarapyndan ýazgaryldy. Palestina, Iordaniýa, Liwana garşy agressiw syýasatyndan el çekmek talap edildi. Geçen hepde Liwana hüjüm edende Liwangň günortasynda ýerleşdirilen BMG-nyň Parahatçylyk güýjüniň (UNIFIL) ştabynyň derwezesini döwdi, gözegçilik diňini tank okuna tutdy.
UNIFIL 1978-nji ýylda işe başlady. 2006-njy ýyldaky Liwan-Ysraýyl urşundan soň wezipe ygtyýarlygy giňeldildi. On müňe golaý esgeri bilen Ysraýyl bilen «Hizbullahyň» arasynda tampon wezipesini ýerine ýetirýär. BMG-nyň karary bilen gurlan ýurduň BMG-na hüjüm etmegi barypýatan bihaýalyk! Halkara hukugyna doly ters gelýän görnüşde hereket edýän Ysraýyl depgilenmedik kada-kanun goýmady. Towguna tok diýen bolmansoňam gitdigiçe

bujurygy artýar. Orsyýete garşy salymyny bermän nägilelik bildiren agalyk ediji güýçler Ysraýylyň garşysynda demini çykaryp bilenok. Bu ýagdaý adamlaryň ýüregindäki adalat duýgusyna düýpli zeper ýetirýär. Futbol duşuşygynda kämahal bildirmän garşydaşyňa badak atyp, ýere ýykylan bolup jerime urgusyny-da gazanyp, eminlere nägilelik bildirip, hatda özüňe erk edip bilmän garşydaşyňa topulyp bolar. Ýöne emine topulmak başga hili. Garşydaşyňa topulanda aljak temmiňizden has ulurak temmi çäresini alarsyňyz. Halasaňyzam, halamasaňyzam emin eldegrilmesizdir, çünki ol adalaty üpjün edýär.
Okuw jaýlarynda, iş ýerlerinde, guramada ýa-da syýasy partiýada iň kiçisinden başlap ýoldaşlyk toparynda düzgünleri bozanyňyzda duýduryş berilýär we jezalandyrylýar. Çünki kada-kanunlar adalaty üpjün etmek üçin bar. Adalatyň ýok ýerinde hiç zat ýok. Ysraýylyň BMG-nyň düzüminden çykarylmagy ýa-da iň bolmanda belli bir wagta çenli agzalygynyň bes edilmegi gerek. Bu boýunça «The Guardian» gazetiniň žurnalisti Mehdi Hasan ýakynda makala bilen çykyş etdi. Ol BMG-nyň Howpsuzlyk Geňeşine seretmezden Ysraýyly nädende guramadan çetleşdirip boljakdygynyň ýollaryny ýazdy. Taýsan we Günorta Afrika mysallarynda bolşy ýaly dünýä jemgyýetçiligi wyždanyny diňläp adalaty ýola goýmaly. Orsyýeti özleriçe dünýäden çetleşdiren boldular. Munuň tersine Ysraýylyň häzirem sport ýaryşlaryna gatnaşmagy hiç bir babatda adalatly däl. Ýogsam bolmasa, Orsyýet Ysraýyl ýaly BMG-nyň binasyna hüjümem-ä etmedi.
*«Adalat güýçliniň däl-de, haklynyň işine ýaraýar».*
***Sofokl***

Ege DOGAÇ ERDOGAN.

«MILLIYET» gazeti, 20.10.2024 ý. Publisistika